# TDIM-niň HGI-de «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň talyplary» ady bilen sport ýaryşlary dowamat dowam tapýar

2024-nji ýylyň 13-nji iýunynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda sportuň wolleýbol görnüşi boýunça institutymyzyň talyp ýaşlarynyň arasynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň talyplary» atly bäsleşik geçirildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýylynda ýaş nesilleriň ylymly-bilimli, watansöýüji, berk bedenli bolup ýetişmekleri üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Ýaşlaryň boş wagtlaryny ýerlikli peýdalanmak, ýaş nesilleriň ahlak taýdan kämil, päk, sagdyn ruhly bolup ýetişmekleri barada yzygider alada edilip, gyzykly bäsleşiklerdir ýaryşlar geçirilýär.

TDIM-niň HGI-de geçen bu bäsleşik gyzykly we çekeleşikli ýagdaýda geçip, Halkara gatnaşyklary fakulteti I orna, Halkara žurnalistikasy fakulteti II orna, Halkara ykdysady gatnaşyklary fakulteti III orna mynasyp boldular. Şeýle sport bäsleşikleriniň yzygiderli geçirilmegi geljekki halkaraçy hünärmenleriň sagdyn berk bedenli ýaşlaryň kemala gelmeginde aýratyn ähmiýeti bar.

Все права защищены